# Tañryñ razylygy üçin…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Tañryñ razylygy üçin… TAÑRYÑ RAZYLYGY ÜÇIN…

Tañryñ razylygy üçin, şeýtana ~
Daş atylar ~ misli ol üzüm däne.

Daş atyp, şeýtany kowmak özüñden,
Ysmaýyldan galan, däpdir bu öñden.

Mina jülgesinde her hajyñ daşy,
Ýatladýar hinine ýagýan ýagyşy.

Daş atanym bilen ol näletsiñen,
Kalbymy sowadar niçiksi, neneñ?

Ýedi sany daşdan zyñsam üç sapar ~
Ýetmiş müñ uçguny bu kalbym tapar.

Onsoñ men kalbymdan kowup şeýtany,
Tapdym kararymy, ynjaldyp jany.

Hajylañ ýürekden eden bu işi ~
Gaçyrýar şeýtany zyñan her daşy.

Hajylar – şeýtandan, olardan – şeýtan
Gaçýarlar, açýarlar arany haýdap.

Kowlansoñ hajylar eden yhlasdan,
Däp berjaý bolýar-da çykýar yhramdan.

Bu waka mynasyp şeýle däp bolar,
Hajylar gurbanlyk malyny çalar.

Soñra bolsa, olar Mekgä gidýärler,
Käbä baryp, oña togap edýärler.

Gözýaşlar akýandyr gözlerden bu gün,

Gynanjyndan däl-de, şat bolup göwün.

Olar müňlerçedir, gözmüň göreni,
Ýaşdan doldy görüp gözüm göreji.

Ol gözlerden akan ýaşlar rehm edip,
Taňrynyň kalplara guýan rehmeti.

Şeýle bolsa, neneň haja gitmejek,
Taňrynyň öýüne togap etmejek?!

Haja gitmek ýagşy ynanç, ybadat,
Ol Taňrynyň rehmetinden ybarat. Goşgular